Türkmen halky öz milli gymmatlyklaryna uly sarpa goýýar. Ahalteke bedewleri, türkmen halylary we beýleki gymmatlyklarymyz bilen bir hatarda, wepaly, edermen, namysjaň türkmen alabaý itleri hem dünýäde uly meşhurlyga eýe boldy. Olar türkmeniň gözellik, maddy we ruhy gymmatlyklarynyň hakynda nyşanlaryna öwrülip, halkyň medeniýetiniň ähmiýetli bölegini düzýärler. Çünki, ata-babalarymyzdan galan milli gymmatlyklarymyz biziň geljekki ösüşlerimiziň gözbaşydyr.

Her ýylyň oktýabr aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen alabaýynyň baýramynyň uly buýsanç we ruhubelentlik bilen bellenilmegi, biziň halkmyzyň öz wepaly dostuna goýýan mynasyp sylag-sarpasynyň nyşanydyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň döredilmegi wepaly jandaryň gadyr-gymmatynyň ýokarydygyny görkezýär. Türkmen alabaý itleriniň arassa ganyny gorap saklamakda we arassa tohum itleri ösdürip ýetişdirmekde uly işler alnyp barylýar. Şeýle-de gaýduwsyzlygy, mertligi, edermenligi bilen tapawutlanýan alabaýlary seýislemekde we olaryň syn-sypatyny kämilleşdirmekde, itçilik pudagyny ösdürmekde tutumly işleri alyp barýan raýatlarymyza «Türkmenistanyň at gazanan itşynasy», «Türkmenistanyň halk itşynasy» diýen hormatly atlarynyň dakylmagy, şol işleri alyp barýanlaryň hormat-sarpasynyň belentdigininiň aýdyň beýanyndyr.

Gahryman Arkadagymyzyň ýiti galamyndan çykýan kitaplary türkmen halkymyzyň, biz ýaşlaryň hemişelik ýan kitabyna öwrülýär. Milli Liderimiziň «Türkmen alabaýy» atly kitaby hem diňe bir türkmen halkymyzyň söýüp okaýan eserleriniň biri bolman, eýsem dünýä halklaryny hem haýrana goýan eserleriň biridir. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmen alabaýy» atly ajaýyp eseri türkmen alabaýynyň taryhy, gelip çykyşy hem-de häzirki wagtda olaryň durmuşdaky orny baradaky wakalary, ajaýyp söhbetleri, hekaýalary özünde jemleýär. Köpasyrlyk taryhy döwrüň dowamynda halkymyzyň ruhy gymmatlygyna öwrülen alabaýlar hakynda eser döretmek milli mirasymyzy has-da içgin öwrenmek bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň, peder ýoluny üstünlikli dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýeňişleriň nyşany bolan türkmen alabaýlarynyň şöhratyny dünýä ýaýmakda uly işler amala aşyrylýar. Döwletimizi berkarar, durmuşymyzy bagtyýar eden Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, gadamlary batly, ýollary şöhratly bolsun!

**Eziz SAPAROW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika**

Все права защищены

**institutynyň talyby**

Все права защищены